**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central Bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2025-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna**
на 1 мая 2025 года
as of May 1, 2025

**Aşgabat 2025**

# Mazmuny / Содержание / Content


## HABARLAR / НОВОСТИ / NEWS

BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI
3

BANK IŞGÄRLERINIŇ ARASYNDA SPORTUŇ KIÇI FUTBOL WE ÝEŇIL ATLETIKA GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA BÄSLEŞIKLI SPORT ÇÄRELERI GEÇIRILDI
4

«DIÝARYMYZDA GENDER DEŇLIGI DABARALANÝAR» ATLY MASLAHAT GEÇIRILDI
5

## SELJERIŞ MAKALALARY
### АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ / ANALYTICAL ARTICLES

BANK HYZMATLARYNYŇ SANLYLAŞDYRYLMAGY - YKDYSADY ÖSÜŞIŇ MÖHÜM ŞERTI
6

KARZ ANALITIGI (ANALIZÇISI): NAZARYÝET DÜŞÜNJESI WE ONUŇ ÄHMIÝETI
11

YKDASADY ÖSÜŞIŇ BERK BINÝADY
15

BANKLARDA HUKUK GATNAŞYKLARYNY KADALAŞDYRMAGYŇ NAZARYÝET WE TEJRIBE ÄHMIÝETI
18

TÜRKMEN-TÜRK PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY: DÖWREBAP BANK HYZMATLARY
21

DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEKDE SANLY BANK HYZMATLARYNYŇ ÄHMIÝETI
25

ÝURDUMYZYŇ SEBITLERINDE ÖNÜMÇILIK MAKSATLY BERILÝÄN KARZLARYŇ ÄHMIÝETI
27

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
### АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN
30

**TABLISALAR** / ТАБЛИЦЫ / TABLES
32

# BANK IŞGÄRLERINIŇ HÜNÄR DEREJELERINI ÝOKARLANDYRMAK BOÝUNÇA OKUW MASLAHATLARY GEÇIRILDI

2025-nji ýylyň aprel aýynyň dowamynda Awaza milli syýahatçylyk zolagynda ýerleşýän «Hazyna» hojalyk jemgyýetinde we Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde bank ulgamynyň hünärmenleri üçin hünäri ýokarlandyryş okuw maslahatlary geçirildi.

2025-nji ýylyň 7-11-nji apreli aralygynda «Hazyna» myhmanhanasynda banklaryň Ykdysady seljeriş we maliýe syýasaty bölümleriniň hünärmenleri üçin «Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty» atly okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatynda makroykdysady görkezijiler, bank amallaryny seljermegiň aýratynlyklary, maliýe bazarlary, halkara maliýe guramalary we olaryň ýurdumyz bilen hyzmatdaşlygy, daşary söwda gatnaşyklary, pul-karz syýasaty, gymmat bahaly kagyzlar we obligasiýalar ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildi.

2025-nji ýylyň 7-11-nji apreli aralygynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Inkassasiýa müdirliginiň inkassatorlary we ýörite ýük daşaýjy awtoulaglarynyň sürüjileri üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde «Inkassasiýa gullugynyň işleriniň guralyşy» atly okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatynda inkassasiýa müdirlginiň işini kadalaşdyryjy gözükdirijiler we düzgünnamalar, karz edaralaryny nagt pullar bilen berkitmegiň we gymmatlyklary inkassirlemegiň tertibi, karz edaralarynyň düzüm birliklerine nagt pullary eltip bermegiň tertibi, inkassatorlaryň jogapkärçiliginde gymmatlyklary saklamagyň tertibi, inkassasiýa müdirliginde aragatnaşyk serişdelerini ulanmagyň düzgünleri, Inkassasiýa müdirliginiň inkassatorlarynyň, ýörite awtoulag sürüjileriniň we Howpsuzlyk bölüminiň işgärleriniň işiniň tertibi hakynda düzgünnamanyň mazmuny barada giňişleýin gürrüň berildi.

2025-nji ýylyň 21-25-nji apreli aralygynda «Hazyna» myhmanhanasynda karz edaralarynyň Pul dolanyşygy we kassa amallaryna gözegçilik bölümleriniň hünärmenleri üçin «Pul dolanyşygy we kassa amallaryna gözegçilik» atly okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatynyň dowamynda karzlar edaralarynda nagt pul dolanyşygynyň gurnalyşy, kagyz we şaýy pullaryň öndürilişi, banklaryň kassa dolanyşygynyň girdeji we çykdajy bölegini çaklamasynyň düzülişi, kassa amallaryny alyp barmagyň tertibi we degişli hasabatlaryň ýöredilişiniň düzgünleri, «Hususy telekeçileriň ygtyýarly karz edaralaryndaky bank hasaplaryna gelýän nagt däl pullary nagt görnüşde çykdajy etmegiň ýa-da fiziki şahslaryň hasabyna geçirmegiň Tertibiniň» düzgünleri ýaly ugurlarda çykyşlar diňlenildi we gyzyklandyrýan soraglar boýunça bank ulgamynyň wekilleri özara pikir alyşdylar.

2025-nji ýylyň 21-25-nji apreli aralygynda banklaryň Kassa amallary bölümleriniň müdirleri üçin Gökderede ýerleşýän Hünäri ýokarlandyrmak bölüminde «Türkmenistanyň karz edaralarynda kassa amallaryna gözegçilik» atly okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatynda girdeji we çykdajy pulhanalarynda amallary geçirmegiň tertibi; pullaryň we beýleki gymmatlyklaryň saklanylyşynyň, hasaba alnyşynyň we pul gaznasynyň gapysynyň açylyşynyň we ýapylyşynyň tertibi; tölege ukypsyz, hakyky däl we şübheli pul belgileri bilen işiň gurnalyşy barada giňişleýin gürrüň berildi.

Bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça kabul edilen kadalaşdyryjy hukuknamalar, müşderilere hyzmat etmegiň döwrebap usullary, bank işgärleriniň hünärini kämilleşdirmek boýunça daşary ýurt tejribelerini paýlaşmak geçirilen okuw maslahatlarynyň esasyny düzdi.

Meýilnama laýyklykda geçirilen okuw maslahatlaryna bank ulgamynyň 100-den gowrak bank işgäri gatnaşdy.

TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi

# BANK IŞGÄRLERINIŇ ARASYNDA SPORTUŇ KIÇI FUTBOL WE ÝEŇIL ATLETIKA GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA BÄSLEŞIKLI SPORT ÇÄRELERI GEÇIRILDI

Hormatly Prezidentimiziň döwletimizi we jemgyýetimizi hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösdürmek ugrundaky alyp barýan döwlet syýasaty netijesinde halkymyzyň saglygyny pugtalandyrmak, ýurdumyzda ýokary derejedäki milli sporty ösdürmek babatynda durmuşa geçirýän bahasyna ýetip bolmajak toplumlaýyn özgertmeler raýatlarymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün edýär, beýleki halklara bolan dostluk we hormat goýmak gatnaşyklaryny ösdürýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzda ekologik medeniýetini kemala getirmäge gönükdirilen başlangyçlary netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzda köpçülikleýin welosipedli ýörişleri, awtoulagsyz günleri, bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş-medeni çärelerini geçirmek däbi has-da dabaralanýar. Bu çäreler türkmeniň ajaýyp ertiri, ýagty geljegi bolan ýaşlary ynsanperwerlik, zähmetsöýerlik, lebzihalallyk, gujur-gaýratlylyk, başarjaňlyk ruhunda terbiýelemäge uly ýardam berýär.

Döwlet derejesinde geçirilýän bedenterbiýe-sport we sagdyn durmuş-medeni çärelerini ýurdumyzyň beýleki pudaklary bilen bir hatarda ýurdumyzyň bank ulgamy hem yzygiderli işjeň gatnaşýar. 2025-nji ýylyň aprel aýynyň 1-6-njy senelerinde Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň guramagynda sportuň kiçi futbol görnüşi boýunça, şeýle hem 2025-nji ýylyň 25-nji aprelinde Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň guramagynda sportuň «Ýeňil atletika» görnüşi boýunça bäsleşikli sport çäreleri geçirildi.

Bank ulgamynyň işgärleriniň gatnaşmagynda «Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygyna sagdyn durmuş ýörelgesi bilen» şygary astynda örän çekeleşikli geçirilen sport çärelerinde öňdebaryjy orunlara mynasyp bolan banklaryň işgärlerine bäsleşikleriň gymmatbahaly sowgatlary gowşuryldy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**



# «DIÝARYMYZDA GENDER DEŇLIGI DABARALANÝAR» ATLY MASLAHAT GEÇIRILDI

2025-nji ýylyň 30-njy aprelinde Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň mejlisler jaýynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň, Türkmen-Türk paýdarlar täjirçilik bankynyň ilkinji Zenanlar guramalary bilen Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi Geňeşiniň bilelikde gurnamagynda «Diýarymyzda gender deňligi dabaralanýar» atly maslahat geçirildi.

Hormatly Prezidentimiziň döwlet ýolbaşçylygynda gülläp ösýän Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde döredilýän mümkinçilikleriň netijesinde zenanlar jemgyýetiň doly hukukly agzalary hökmünde döwlet häkimiýetiniň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, kazyýet edaralarynda we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ulgamlarynda giňden wekilçilik edýärler. Türkmen zenanlarymyz milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda zähmet çekip, eziz Watanymyzyň kuwwatynyň barha artmagynda özleriniň mynasyp goşantlaryny goşýarlar.

Maslahatyň dowamynda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda her bir raýaty, her bir maşgalany, ilkinji nobatda köp çagaly maşgalalary durmuş taýdan goramak üçin döredilýän ýeňillikler, 2021-2025-nji ýyllarda gender deňligi boýunça hereketleriň






milli meýilnamasyna laýyklykda alnyp barylýan işler babatda giňişleýin çykyşlar diňlenildi.

Mundan başga-da geçirilen maslahatda Bitarap Türkmenistan döwletimizde geňder deňliginiň dabaralanýandygyny, zenanlaryň jemgyýetde tutýan orny, olaryň durmuş taýdan tutýan goraglylygy baradaky çykyşlar öz beýanyny tapdy. Maslatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar ýurdumyzda maşgalanyň sütüni hasaplanýan zenanlarymyzyň hukuklaryny, bähbitlerini, maşgalany goldamaga, olaryň ylym-bilimde, medeniýetde, işewürlikde, ykdysady we durmuş ulgamlarynyň dürli ugurlarynda zähmet çekmäge, aň-paýhas, döredijilik başarnyklaryny netijeli durmuşa geçirmäge ähli mümkinçilikleri döredip berýän Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlaryny beýan etdiler.

TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi

## SELJERIŞ MAKALALARY

# BANK HYZMATLARYNYŇ SANLYLAŞDYRYLMAGY — YKDYSADY ÖSÜŞIŇ MÖHÜM ŞERTI

Gahryman Arkadagymyz tarapyndan binýady goýlan we häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän Türkmenistanyň ykdysady strategiýasynda sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly milli bank ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Bank ulgamyna sanly tehnologiýalary, öňdebaryjy iş tejribesini we täzeçil usullary ornaşdyrmak, milli töleg ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek we mümkinçiliklerini artdyrmak, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak işleri üstünlikli amala aşyrylýar. Bu ulgamyň işiniň döwrüň talaplaryna laýyklykda guralmagy, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny, innowasion ösüşini, onuň ählumumy ykdysady gatnaşyklar ulgamyna işjeň goşulyşmagyny üpjün etmäge ýardam berýär.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 — 2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna», «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň banklarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, ykdysadyýetiň pudaklaryna bölünip berilýän karz serişdeleriniň möçberini artdyrmak, maliýe hasabatlaryny halkara standartlara laýyk getirmek, degişli kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek maksady bilen anyk işler ýerine ýetirilýär. Şunuň bilen birlikde, öňdebaryjy usullar we iň täze tehnologiýalar arkaly nagt däl tölegler ulgamynyň kämilleşdirilmegine uly üns berilýär. Döwrüň talaplaryndan we dünýä tejribesinden ugur alnyp, milli elektron töleg ulgamyny yzygiderli döwrebaplaşdyrmaga we onuň goraglylygyny üpjün etmäge aýratyn ähmiýet berilýär.

Şeýle hem bank hyzmatlarynyň täze görnüşlerini ornaşdyrmak, müşderilere hödürlenilýän hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak, ulgamyň maddy-enjamlaýyn binýadyny we programma-tehniki üpjünçiligini yzygiderli kämilleşdirmek arkaly degişli infrastrukturany döretmek, ugurdaş hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak babatda anyk işler durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan sanly görnüşde hödürlenilýän döwrebap hyzmatlar baradaky syny hödürleýäris.

Häzirki wagtda ýurdumyzda karz edaralary tarapyndan hödürlenilýän döwrebap sanly hyzmatlaryň görnüşleri yzygiderli artdyrylýar. Sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal», «Galtaşyksyz töleg», «VISA Virtual», «Menzilara bank», «Sanly kart», «Sanly töleg», «Sanly karz» ýaly hyzmatlar arkaly nagt däl hasaplaşyklary geçirmek üçin giň mümkinçilikler döredilendir. Bu onlaýn hyzmatlaryň kömegi bilen karzlary resmileşdirmek, bank hasaplaryna gözegçilik etmek, elektron göçürmelerini almak we elektron töleg tabşyryklaryny taýýarlamak, täze bank kartlaryny açmak, pul geçirimlerini amala aşyrmak ýaly amallary ýerine ýetirip bolýar.




Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, sanly hyzmatlaryň biri hem Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan milli töleg ulgamyny kämilleşdirmegiň çäklerinde işe girizilen we müşderilere onlaýn görnüşde köp amallary geçirmäge amatly mümkinçilik döredýän «VISA Virtual» bank kartydyr.

Mundan başga-da Türkmenistanyň Döwlet

daşary ykdysady iş banky tarapyndan «Galkynyş» töleg ulgamy işe girizilip, ol internetiň üsti bilen milli hem-de daşary ýurt pullarynda tölegleri amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Şeýle hem bu ulgamyň üsti bilen fiziki we ýuridik şahslar sanly ulgamda dürli tölegleri geçirmek, karzlary we bank kartlaryny almak üçin ýüzlenmeleri ibermek, pul geçirimlerini amala aşyrmak, öz bank hasaplaryny dolandyrmak we ondaky pul serişdeleriniň hereketine gözegçilik etmek, şeýle hem hasaplary boýunça geçirilen amallaryň taryhyny görmek ýaly mümkinçiliklerden peýdalanyp bilýärler. Programma üpjünçiligine esaslanýan «Galkynyş» töleg ulgamy bank ulgamyna ykjam tehnologiýalary ornaşdyrmak bilen, has köp zähmeti we wagty talap edýän işleri sanlylaşdyrmaga, hyzmatlaryň gerimini giňeltmäge we tizligini artdyrmaga, bank işiniň netijeliligini, takyklygyny we hilini ýokarlandyrmaga niýetlenendir.

Sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek, müşderilerine amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky tara-






pyndan «Onlaýn kabulhana» hyzmaty işe girizildi. Oňa laýyklykda, raýatlar sanly ulgam arkaly günüň islendik wagtynda bankyň resmi www.tnbk.tm internet sahypasynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Onlaýn kabulhana» bölümçesiniň üsti bilen bank tarapyndan berilýän güwänamalary, bank kartlaryny sargyt etmek we gaýtadan çap etmek, şeýle hem karz almak üçin onlaýn görnüşde ýüzlenip bilýärler. Munuň üçin, ilki bilen, bellenilen tertipde doldurmak arkaly ulanyjy adyny we gizlin açar sözüni döretmeli. Olary ulanmak bilen, müşderi «Onlaýn kabulhana» bölümçesinde zerur bolan resminamalary sargyt edip biler. Sargydyň taýýar bolandygy baradaky maglumat elektron ulgam arkaly, şeýle hem bankyň merkezi edarasynyň (ýa-da şahamçasynyň) degişli hünärmeni tarapyndan telefon arkaly habar berilýär. Müşderiler öz sargytlaryny almak üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da degişli şahamçasyna ýüz tutup bilerler.

Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň «Daýhanbank», «Türkmenistan» döwlet täjirçilik, «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banklarynda, degişlilikde, daşary ýurtlarda okaýan talyplaryň okuw we umumy ýaşaýyş jaý töleglerini hem-de fiziki şahslaryň Türkmenistanyň çäginden daşarda saglygynyň barlanylmagy we bejerilmegi üçin töleglerini onlaýn görnüşde tölemäge, şeýle-de «VISA» we «MasterCard» halkara bank kart hasaplaryny internet ulgamynyň üsti bilen özbaşdak doldurmaga mümkinçilik berýän sanly töleg ulgamlary işe girizildi.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň «Menzilara bank» hyzmatyna laýyklykda, raýatlar alyş-çalyş amalyny onlaýn görnüşde amala aşyrmak üçin bir gezek banka gelip, tölege degişli resminamalaryň asyl nusgalaryny barladyp, daşary ýurt pulunda goýum hasaplaryny açmaly, şeýle hem ulanyjy döretmek barada ýüz tutmaly. Soňra müşderi bankyň resmi web saýtynyň «Onlaýn töleg geçirmek» bölümine girip, penjirede açylan meýdançalary talap edilen görnüşde doldurýar hem-de tölege degişli resminamalaryny ýükleýär. 2025-nji ýylyň ýanwar — aprel aýlarynyň dowamynda 34,8 müňe golaý müşderi-

niň bu hyzmatdan peýdalanmagy oňa uly isleg bildirilýändigini görkezýär.

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň hödürleýän «Onlaýn halkara töleg» hyzmatyna laýyklykda, töleg amallaryny onlaýn görnüşde amala aşyrmak mümkindir. Munuň üçin müşderi bir gezek banka gelip, tölege degişli resminamalary getirenden soň, bank işgäri tarapyndan internet arkaly ähli sazlamalar ýerine ýetirilýär. Şeýlelik bilen, bankyň resmi www.tnbk.tm web saýtynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Internet-bank» bölümçesiniň üsti bilen raýatlar hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilerler. 2025-nji ýylyň ýanwar — aprel aýlarynyň dowamynda bu hyzmata «VISA» we «MasterCard» halkara bank kart hasaplaryna pul serişdelerini geçirmek üçin 1,5 müňden gowrak müşderiniň birikmegi bu hyzmatyň türkmenistanlylaryň arasynda meşhurlygynyň artýandygyny subut edýär.

Ykjam aragatnaşyk ulgamynyň ösüşindäki özgerişlikler döwrebap bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmegiň esasy şertidir. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň karz edaralary ykjam telefonlar üçin nagt däl tölegleri, şol sanda galtaşyksyz tölegi amala aşyrmak üçin degişli ykjam goşundylary işläp düzýärler. Şeýle hyzmatlaryň hatarynda Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň «Sanly töleg» ykjam goşundysyny görkezmek bolar. Onuň kömegi bilen müşderiler bankyň resmi www.halkbank.gov.tm web saýtyndan halkara






bank kart hasaplaryny banka barmazdan ygtybarly we aňsatlyk bilen aýma-aý dolduryp bilýärler. Geçirilen amallar baradaky maglumat hyzmaty ulanyjy raýatlaryň ykjam telefonlaryna SMS habary görnüşinde iberilýär. Bank hyzmatynyň bu görnüşi nagt däl tölegleriň gerimini giňeltmäge we töleg-hasaplaşyk amallarynyň netijeliligini üpjün etmäge gönükdirilendir. Şu ýylyň ýanwar — aprel aýlarynyň dowamynda bankyň «Sanly töleg» ykjam goşundysyna 6,7 müňe golaý müşderi birikdirilip, olaryň halkara «VISA» we «MasterCard» bank kart hasaplaryna pul serişdeleri geçirildi.

Raýatlara karzlary resmileşdirmekde sanly ulgamy ulanmak arkaly ýeňillikleri döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan fiziki şahslar üçin «Sanly karz» ulgamy ornaşdyryldy. Ykjam goşundyny ykjam telefonlara ýüklemek arkaly bankyň resmi internet sahypasyndan onlaýn görnüşde sarp ediş karzyny almak üçin ýüz tutmak, onuň ýagdaýy bilen tanyşmak, karz taryhyny özbaşdak barlamak, zerur resminamalary elektron görnüşde ibermek, alyp boljak karzyň möçberini awtomatik görnüşde kesgitlemek mümkindir.

Bu ykjam goşundynyň esasy aýratynlyklarynyň biri müşderileriň şahsyýetini tassyklaýan pasportynyň we aýlyk zähmet haky geçirilýän bank kartynyň maglumatlarynyň hem-de karz taryhynyň awtomatik usulda barlanylýandygydyr. Şol sebäpli raýatlaryň sarp ediş maksatly isleg bildiren karz serişdelerini almaklary üçin banka diňe bir gezek gelmegi ýeterlikdir. Munuň özi raýatlaryň wagtynyň tygşytlanmagy we amatlylyk taýdan ähmiýetlidir.

2025-nji ýylyň ýanwar — aprel aýlarynyň dowamynda «Sanly karz» ykjam goşundysynyň üsti bilen 1,2 müňe golaý müşderiniň ýüz tutup, jemi 33 877,7 müň manat möçberinde karz serişdeleriniň resmileşdirilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan döwrebap we ygtybarly tehnologiýalaryň esasynda işlenip düzülen «Halkbank terminal» ykjam programma üpjünçiligi hem işe girizildi. Bölek söwda we hyzmat ediş nokatlarynyň işgärleri ony adaty töleg terminalynyň ornuna ulanyp bilýärler. Adaty töleg terminallaryndaky ähli mümkinçilikler göz öňünde tutulan we olaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň ählisini amal etmäge ukyply bolan bu ykjam programma üpjünçiligi harytlara we hyzmatlara töleg geçirmek we amallaryň taryhyny görmek ýaly mümkinçilikleri döredýär. Eger-de ykjam telefonlarda «NFC» galtaşyksyz töleg tehnologiýasy gurnalan bolsa, onda tölegi geçirmek üçin bank kartyny ykjam telefona ýakynlaşdyrmak ýeterlikdir. Bu ýakynlaşdyrmanyň netijesinde, ykjam programma üpjünçiligi bank kartyndaky maglumatlary okaýar we satyn alnan haryt ýa-da hyzmat üçin töleg kabul edilýär. Soňra ykjam telefonyň ýüzünde tölegiň kabul edilendigi barada elektron çek (hasabat kagyzy) peýda bolýar. 2025-nji ýylyň ýanwar — aprel aýlarynyň dowamynda «Halkbank terminal» hyzmatynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberiniň 75,3 million manada deň bolup, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 2,94 esse artandygyny bellemek gerek.





Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan hödürlenilýän «Senagat töleg» ykjam programma üpjünçiligi arkaly «Altyn Asyr» ÝGPJ-niň TMCELL öýjükli aragatnaşyk telefon hyzmatynyň, AŞTU-nyň (Aşgabat şäher telefon ulgamy) CDMA öýjükli aragatnaşyk telefon, internet, IP TV, öý telefony hyzmatlarynyň, «Türkmentelekom» elektron aragatnaşyk kompaniýasynyň internet hyzmatynyň, «Belet film» hyzmatynyň, «Älem-TV plastik kartlary» hyzmatynyň töleglerini, şeýle hem Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugynyň jerime töleglerini islendik ýerde we günüň islendik wagtynda tölemek mümkindir.

Mundan başga-da, bu hyzmatyň işe girizilmegi bilen ýurdumyzyň raýatlary ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalaryň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge öz goşantlaryny goşmak üçin haýyr-sahawat geçirimlerini geçirip bilýärler. «Senagat töleg» ykjam goşundysynda raýatlara nagt däl görnüşde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň hasabyna pul serişdelerini geçirmäge mümkinçilik döredildi.

Synymyzdan hem görnüşi ýaly, sanly bank hyzmatlary nagt däl hasaplaşyklaryň geriminiň giňeldilmegine, karz edaralarynda nobatlaryň azalmagyna, töleg-hasaplaşyk amallarynyň dessinliginiň üpjün edilmegine, karz edaralarynyň we müşderileriň wagtynyň hem-de sarp ediş önümleriniň (kagyz, kartrij, ýol harajatlary) tygşytlanylmagyna ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek maksady bilen, banklaryň işini kämilleşdirmek, şol sanda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda» ýaly onlaýn bank hyzmatlaryny ornaşdyrmak işlerine yzygiderli maýa goýum serişdeleri gönükdirilýär. Olaryň kömegi bilen bank amallarynyň we hyzmatlarynyň netijeliligini artdyrmak üçin giň mümkinçilikler açylýar.

«Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlary arkaly geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi ýylsaýyn artýar. Şu ýylyň ýanwar — aprel aýlarynyň dowamynda bu görkeziji, degişlilikde, 1 721,7 müň we 12 189,8 müň manada ýetdi, bu bolsa hyzmatlaryň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanýan müşderileriň sanynyň yzygiderli artýandygyny görkezýär. Şu ýylyň ýanwar — aprel aýlarynyň dowamynda bankomatlaryň, terminallaryň, «Internet-bank», «Mobil-bank» we «Elektron söwda» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi 6 773,9 million manada ýetdi, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 35 göterim ýokarlandy.

Şeýle-de bank hyzmatlarynyň döwrüň talaplaryna laýyklykda ýerine ýetirilmegi üçin zerur bolan tehniki üpjünçiligi döwrebaplaşdyrmak bilen baglanyşykly alnyp barylýan işleri hem bellemek gerek. Bu ugurda bankara tor enjamlaryny kämilleşdirmek, sanly maglumat tehnologiýalaryny işjeň ulanmak, elektron resminama dolanyşyk ulgamyny kämilleşdirmek, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek, kiberhowplara garşy durmak üçin zerur bolan programma üpjünçiliklerini giňden ornaşdyrmak, bankyň zerurlyklary üçin täze serwer enjamlaryny we disk massiwlerini gurnamak ýaly işler alnyp barylýar. Mundan başga-da ulgamyň işgärleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça çäreler görülýär.

Umuman, bank ulgamynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan we häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän düýpli özgertmeler bu pudagyň ösüşiniň ygtybarlylygyny we durnuklylygyny üpjün etmek bilen, milli ykdysadyýetiň bazar gurallaryny pugtalandyrmaga hem-de ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşine oňyn täsirini ýetirýär.

Türkmenistanyň Döwlet habarlar agentligi

# KARZ ANALITIGI (ANALIZÇISI): NAZARYÝET DÜŞÜNJESI WE ONUŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň döwlet ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşinde düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Bu özgertmeleriň bank ulgamynda hem amala aşyrylmagy ýurdumyzyň ýokary depginli durnukly ösüşini üpjün etmek bilen bir hatarda, ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, bank ulgamynyň halkara maliýe guramalary bilen işjeň gatnaşyklary ýola goýmaga, milli, sebit hem-de halkara ähmiýetli taslamalary ýerine ýetirmäge we ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmaga ähli amatlyklary döredýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň alyp barýan pul-karz syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi hem köpugurly ykdysady özgertmeleriň ýokary netijeliligini gazanmaga mümkinçilik berýär.

Bank ulgamyny özgertmegiň esasy maksady, banklaryň işjeňlik derejesini ýokarlandyrmakdan onuň hukuk esaslaryny halkara talaplaryna laýyk gelýän derejä ýetirmekden hem-de bank ulgamynyň esasy işjeňligi bolan banklara pul serişdelerini çekmekden we çekilen pul serişdeleri ýerleşdirmekden ybaratdyr. Bu ýerde, çekilen pul serişdeleri ýerleşdirmek diýmek, bank karzlaryny bermekligi aňladýan düşünje bolup, pul serişdelerini dolandyrmakdyr. Şol sebäpden, banklarda bu ugurlarda işleýän hünärmenleriň hünär derejeleriniň mümkinçilikleri giňdir, ýagny berilýän bank karzlary, berilmezden ozal doly karz alyjynyň alýan bank karzynyň yzyna gaýtaryp bilmek mümkinçiliginiň bardygyna göz ýetirmekden ybaratdyr. Munuň üçin bolsa karz analitigi (analizçisi) nazaryýet düşünjesinde onuň jogapkärçiliginiň we ähmiýetiniň has derwaýysdygyny aýratyn bellemek zerur bolup durýar.

Halkara bank tejribesine laýyklykda karz edaralaryň karz bölüminiň esasy işgärleri birnäçe hünärmenlerden ybarat bolup degişlilikde özlerine degişli wezipe borçlaryny ýerine ýetirýärler.

1. Karz analitigi (analizçisi) - karz alyjylaryň maliýe ýagdaýyny, karza ukyplylygyny we karz bermek bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri seljerýär. Mümkin bolan karz şertleri boýunça hasabatlary we teklipleri taýýarlaýar.

2. Karz dolandyryjysy - karz arzalaryna göz aýlamak we tassyklamak işini dolandyrýar. Müşderiler bilen gatnaşygy utgaşdyrýar, karz töwekgelçiligini barlaýar we karz bermek barada karar berýär.

3. Karz gözegçisi - karz resminamalarynyň dogry ýerine ýetirilişine we karzlary gaýtadan işlemek üçin kesgitlenen ähli amallaryň ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmek üçin jogapkärdir.

4. Karz hünärmeni - müşderiler bilen gönüden-göni aragatnaşyk saklaýar, karz almak üçin zerur resminamalary ýygnamaga we taýýarlamaga kömek edýär, şeýle hem karzlaryň görnüşleri barada maslahat berýär.

5. Töwekgelçilik dolandyryjysy - karz bermek bilen baglanyşykly töwekgelçiliklere baha berýär we dolandyrýar, bolup biljek ýitgileri seljerýär we bank üçin töwekgelçiligi azaltmak üçin strategiýalary düzýär.

6. Uly korporatiw müşderiler bilen işlemek üçin menejer (korporatiw müşderiler üçin karz dolandyryjysy) - bankyň uly müşderilerine hyzmat etmek bilen meşgullanýar, maliýeleşdirmek zerurlyklaryny seljerýär we karz şertleri boýunça teklipler berýär. Bu hünärmenler, müşderi hyzmatynyň ýokary derejesini saklamak we bank üçin töwekgelçilikleri

azaltmak üçin bankyň karz bölüminiň göwnejaý işlemegini üpjün edýär.

Karz analitigi (analizçisi) karz alyjylaryň karza ukyplylygyny bahalandyrmak we karz bermek bilen baglanyşykly maliýe töwekgelçiliklerine analiz işlerini geçirmek üçin jogapkär hünärmenlerdir.

Töwekgelçilikleriň barha köpelýän we çylşyrymly bolýan häzirki maliýe bazarynda karz analitiginiň (analizçisiniň) orny strategiki taýdan möhüm ähmiýete eýedir. Onuň işi diňe bir ýitgileri azaltmak we bankyň girdejiligini ýokarlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem maliýe guramalarynyň umumy durnuklylygyna-da möhüm täsir edýär.

Karz analitigiň (analizçisiniň) işi bankyň ýa-da maliýe guramasynyň karz bermek we karz bukjasyny (karz portfeli) dolandyrmak baradaky kararlaryna gönüden-göni täsir edýär. Hünärmeniň işi täjirçilik banklarynda geljekki karz alyjynyň maliýe görkezijilerini jikme-jik seljermek (analiz işlerini geçirmek), tölege we karza ukyplylygyny bahalandyrmak, şeýle hem karzyň üzülmezligi bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri çaklamakdan ybarat bolup durýar.

Karz analitiginiň (analizçisiniň) ornunyň örän möhüm ähmiýete eýe bolmagynyň esasy sebäpleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Töwekgelçiligi bahalandyrmak: Karz töwekgelçiligini dogry bahalandyrmazdan, bank ýa-da beýleki maliýe guramasy karz alyjylar bilen bilelikde ýitgilere sebäp bolup biljek kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolup biler.

2. Karz bukjasynyň optimizasiýasy: Karz analitigi (analizçisi) töwekgelçilikleriň we girdejileriň iň amatly derejede deňagramly karz bukjasyny döretmäge kömek edip biler.

3. Müşderiniň banka bolan ynamyny ýokarlandyrmak: Seljerme esasynda anyk we obýektiw karar bermek müşderiniň ynamyny we karz edaralarynyň durnuklylygyny ýokarlandyrmaga kömek eder.

4. Karz berijiler üçin ýitgileri azaltmak: Geljekki tölege ukypsyz müşderileri kesgitlemek bilen, analitik banklara geljekde maliýe ýitgilerinden we ýerliksiz maýa goýumlaryndan gaça durmaga kömek eder.

Karz analitiginiň işi banklaryň karzlaşdyrmak işinde töwekgelçilikleri netijeli dolandyrmakda möhüm gural bolup ol karz alyjynyň defolt töwekgelçiligini azaltmaga kömek edip banklar üçin töwekgelçilikleri peseldip maliýe durnuklylygyny üpjün etmekden ybaratdyr. Şol bir wagtyň özünde karz analitigi (analizçisi) karz alyjylaryň karz borçnamalaryny ýerine ýetirmek ukybyna täsir edip biljek borçnamalary we ykdysady ýagdaýy öňünden çaklamakdyr.

Karz analitiginiň (analizçisiniň) ilkinji we esasy wezipesi karz alyjynyň maliýe görkezijilerini düýpli analiz işlerini geçirmekdir. Ol bankyň balansy boýunça maliýe ýagdaýyny, girdejilerini we çykdajylaryny gözden geçirip, karz alyjynyň maliýe ýagdaýynyň näderejede durnuklydygyna düşünmek üçin pul serişdeleriniň hereketine we beýleki maliýe resminamalaryna analiz işlerini geçirýär.

Analiz işleri geçirilende karz alyjynyň aktiwlerini ulanyp, häzirki borçnamalary tölemek ukybyny-likwidliligini, bar bolan aktiwlerden girdeji gazanmak ukybyny-düşewüntliligini we karz alyjynyň näçe möçberde karzy tölemelidigini hem-de bu karza hyzmat etmek ukybyna nä derejede täsir edip biljekligini, ýagny karz ýükine analiz geçirmek möhümdir.

Analiz işiniň möhüm tapgyrlarynyň biri-de karz alyjynyň karz taryhyny (karz býurolary arkaly) barlamakdyr, bu öňki karz, gijikdirilen tölegler we beýleki karz borçnamalarynyň bardygyny anyklamaga kömek edip, ozal berlen karzlar, olary yzyna gaýtarmak taryhy we bergileriň barlygy barada maglumat berýän karz býurolary arkaly amala aşyrylyp bilner.

Mundan başga-da, karz analitigi (analizçisi) karz alyjynyň abraýyny seljerip işewürligiň durnuklylygyna, bazardaky ornuna, hyzmatdaşlaryň we potratçylaryň arasyndaky abraýyna baha berýär.

Töwekgelçilikleriň analizi karz analitiginiň (analizçiniň) işiniň aýrylmaz bölegidir. Ol karz alyjynyň diňe häzirki ýagdaýyna analiz işlerini geçirmek bilen çäklenmän, eýsem göterim derejeleriniň üýtgemegi, inflýasiýa (hümmetsizlenme), walýuta hümmetiniň üýtgemegi, kanunçylygyň üýtgemegi ýaly makroykdysady çaklamalary hem öz içine alýar. Bu daşarky faktorlaryň karz alyjynyň geljekde karzy üzüp bilmek ukybyna baha bermek üçin zerurdyr.

Geçirilen analiz işleriniň esasynda karz analitigi (analizçisi) karz komiteti ýa-da bank ýolbaşçylary üçin jikme-jik hasabatlary we teklipleri taýýarlamak bilen, bu resminamalarda diňe bir karz alyjy barada maglumat däl, eýsem töwekgelçilikler, karz şertleri we töwekgelçilikleri azaltmak üçin mümkin çäreler barada jikme-jik maglumat bermelidir.

Karz bermek kararyna gelinenden soň karz analitigi işlemegini bes etmän karz alyjynyň ýagdaýyna gözegçilik etmegini dowam edip, maliýe maglumatlaryny wagtal-wagtal täzelemek bilen bir hatarda onuň maliýe ýagdaýynyň ýaramazlaşma alamatlary bar bolsa olary kesgitlemegi başarmalydyr. Mesele ýüze çyksa, karz analitigi (analizçisi) bank üçin töwekgelçiligi peseltmek bilen bagly karzy üýtgedip gurmak ýa-da karz şertlerini täzeden ara alyp maslahatlaşmak barada teklipleri bermelidir.

Borçlaryny netijeli ýerine ýetirmek üçin karz analitigi (analizçisi) goşmaça birnäçe hünär ussatlygyna we kär häsiýetlerine eýe bolmalydyr, ýagny:

- maliýe we buhgalteriýa boýunça bilimler: analitik buhgalter hasaby, maliýe hasabatynyň seljermesi we maliýe görkezijileri hasaplamalaryna ussat bolmaly;
- analitik pikirlenişi: köp mukdarda maglumat bilen işlemek analitik pikirlenişi talap edýär, sebäbi esasy görkezijileri we töwekgelçilikleri kesgitlemekde maglumatlar derňewi esasynda netije çykarmagy başarmaly;.
- ykdysady we bazar meýillerini bilmek: ykdysadyýetdäki üýtgeşmeleriň karz alyjynyň maliýe ýagdaýyna nähili täsir edip biljekdigine düşünmek, bolup biljek töwekgelçilikleri çaklamaga we karz şertlerini sazlamaga kömek edýär;
- uly maglumatlar bilen işlemek ukyby: döwrebap tehnologiýalar derňew üçin köp mukdarda maglumatlary ulanmaga mümkinçilik berýändigi üçin, karz analitiginiň maglumat derňewi we statistiki gurallar bilen tanyş bolmagy hökmanydyr;
- jikme-jikliklere üns bermek we güýçli aragatnaşyk endikleri: takyk maglumat bilen işlemek we karar bermek üçin seljermäniň netijesini düşnükli dilde we ýönekeý görnüşde beýan edip bilmek.

Karz analitiginiň (analizçisiniň) işi bankyň aşakdaky gündelik işleriniň netijeliligine hem gönüden-göni täsir edýär.

1.Töwekgelçilikleri dolandyrmak: Karz analitigi bankyň defolt we maliýe ýitgileriniň töwekgelçiligini azaltmaga kömek edýär. Onuň bolup biljek töwekgelçilikli karz alyjylary kesgitlemek ukyby, erbet karzlardan we ýitgilerden gaça durmaga kömek edip biler.

2.Karz bukjasynyň hili: Karz alyjylara netijeli baha bermek bankyň karz bukjasynyň ýokary derejesini saklamaga kömek edýär. Bu öz gezeginde bankyň maliýe durnuklylygyna täsir edip biljek möhleti geçen bergileriň we karzlaryň derejesini peselmegine getirer.

3.Peýda we netijelilik: Hakyky töwekgelçiligi dogry anyk bahalandyrmak we karz şertlerini dogry kesgitlemek banka girdejililigini rejelemäge we karz alyjylara karzlary tölemek mümkinçiligi bilen karz bermek arkaly maliýe netijelerini gowylandyrmaga kömek edýär.

4.Bankyň abraýy: Hünärli karz analitikleri bilen işleýän banklar, müşderileriň arasynda has abraýly ähmiýete eýe, sebäbi olar karz şertlerini aç-açan we ýerlikli hödürläp banklara durnukly we ygtybarly karz alyjylary çekmäge kömek edýär.

5.Kadalaşdyryjy talaplary berjaý etmek: Karz analitigi karz bermegiň kanunylygyny we bankyň içerki ülňülerini we talaplaryny berjaý etmek arkaly ähli kadalaşdyryjy talaplaryň berjaý edilmegini üpjün etmekde möhüm orun eýeleýär.

Netijede, bankyň karz analitigi (analizçisi) tarapyndan bank karzlaryny netijeli dolandyrmak, bank üçin bolup biljek ýitgileri azaltmak bilen karzyň yzyna gaýtarylmazlygynyň ähtimallygynyň az bolmagyny gazanmak üçin, karz alyjylara düýpli baha bermek, girewi ulanmak, karz bukjasynyň diwersifikasiýasy, karzlara gözegçilik we üýtgedip gurmak, şeýle hem karz töwekgelçilikleri seljermegiň we çaklamagyň häzirki zaman usullaryny ulanmak arkaly, karz bermek işinde banklara karz töwekgelçiliklerini üstünlikli dolandyrmaga we serişdeleriň yzyna gaýtarylmagyny üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

Milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde we ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmakda ýadawsyz tagallalary edýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sag bolsun aýdýarys. Goý olaryň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli tutýan tutumly işleri elmydama rowaç bolsun!

**G. MYRADOW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň
«Bank işi» kafedrasynyň müdiriniň w.w.ý.ý., mugallym

# YKDYSADY ÖSÜŞIŇ BERK BINÝADY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimiz hemmetaraplaýyn ösdürilýär we sanly ykdysadyýetiň giň mümkinçilikleri ornaşdyrylýar. Ýokary ykdysady ösüşleriň halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň gowulandyrylmagyna gönükdirilmegi ata Watanymyzda adam hakyndaky aladanyň ileri tutulýandygyny görkezýär. Ýurdumyzda ýöredilýän ykdysady strategiýanyň we kabul edilen maksatnamalaryň giň gerimde durmuşa geçirilmeginde bank ulgamyna möhüm orun degişlidir. Ulgama öňdebaryjy sanly tehnologiýalary ornaşdyrmagyň hasabyna bank hyzmatlarynyň sany artdyrylýar, hili we netijeliligi gowulandyrylýar. Olar bankyň girdejisini we düşewüntliligini artdyrmagyň esasynda durnukly ösüşi üpjün etmek üçin şertleri döredýär.

Ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny pugtalandyrmakda ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän oýlanyşykly pul-karz syýasatynyň ähmiýeti uludyr. Şunuň bilen baglylykda, pul dolanyşygynyň netijeliligi ýokarlanýar, bank işjeňligi artýar, bank önümleriniň we hyzmatlarynyň täzeçil, döwrebap görnüşleri ilata hödürlenilýär. Muny döwletimiziň bank edaralary tarapyndan dünýä tejribesine esaslanyp edilýän ýokary hilli hyzmatlaryň mysalynda aýdyň görmek bolýar. Nagt däl hasaplaşyklar boýunça edilýän hyzmatlaryň ýaýrawyny giňeltmek, menzilara bank hyzmatlaryny kämilleşdirmek, ileri tutulýan ugurlarda maýa goýum taslamalaryny karzlaşdyrmak, goýumlaryň täze görnüşlerini ornaşdyrmak bilen, ilata hödürlenilýän goýum hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak boýunça ýerine ýetirilýän ygtybarly amallar müşderileriň banka bolan ynamyny artdyrýar.

Bank hyzmatlarynyň dürli görnüşlerini ilata hödürlemek bilen ýurdumyzyň täjirçilik banklary nagt däl hasaplaşyklaryň ösdürilmegine, raýatlaryň pul serişdeleriniň bank goýumlaryna çekilmegine we pul dolanyşygynyň çaltlanmagyna ýardam berýär. Bank ulgamyny düzgünleşdirýän milli kanunçylygyň döwrebaplaşdyrylmagy hem ilatymyza hödürlenýän köp sanly hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmaga, nagt däl pul dolanyşygyny artdyrmaga, amallaryň tiz we ygtybarly ýerine ýetirilmegine oňyn ýardam berýär. Täjirçilik banklarynyň işlerini kämilleşdirmegiň geljegi bank kartlarynyň üsti bilen, hususan-da internetiň ulanylmagy esasynda «Internet bank», «Mobil bank», «Elektron söwda» «Halkbank terminal», «Galtaşyksyz töleg», «VISA Virtual», «Menzilara bank», «Sanly kart», «Sanly karz», «Sanly töleg» ýaly hyzmatlar arkaly nagt däl hasaplaşyklary ýerine ýetirmek üçin giň mümkinçilik döredilendir. Häzirki günlerde bu hyzmatlardan peýdalanyjylaryň sany günsaýyn artýar.




Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik banky hem ýuridiki şahslara we hususy telekeçilere bank hyzmatlarynyň amat-

ly mümkinçiliklerini hödürlemek bilen, milli ykdysadyýetimiziň ösüşlerine öz goşandyny goşmak babatda iş alyp barýar. Bankymyz tarapyndan alnyp barylýan döwrebap işler we hyzmatlar bank işjeňligini ýokarlandyrmak maksadyny özünde jemleýär. Amatly bank hyzmatlarynyň biri-de «Internet-bank» hyzmatydyr. Sanly ulgamda hereket edýän bu hyzmat arkaly banka barmazdan müşderiler öz hasaplaşyk hasaplary boýunça galyndylaryny, banka iberilen töleg resminamalarynyň hereketini görmek, hasaplaşyklary geçirmek, karz serişdelerine gözegçilik etmek we goşmaça bank hasaplaryny açmak boýunça ýüztutmalaryny onlaýn görnüşinde banka ibermek ýaly amatlyklardan peýdalanyp bilýärler.

Ýurdumyzyň beýleki karz edaralary bilen bir hatarda Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynda sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň gerimi giňeldilýär, hili has-da ýokarlandyrylýar. 2025-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna bank tarapyndan «Internet-bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany 189,8 müňden geçdi, «Mobil-bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany bolsa 12,7 müňe ýetdi, şeýle hem bank kart ulgamynda nagt däl hasaplaşyklaryň umumy möçberi 835,4 mln. manada barabar bolup, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 13,0 göterim ýokarlandy.

2025-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna ýurdumyzyň Balkan welaýaty boýunça sanly hyzmat-







lara birikdirilen müşderiler barada maglumat esasynda «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlaryna birikdirilen müşderileriň sany degişlilikde 163,3 müňden we 16,2 müňden geçdi. Şunlukda Balkan welaýaty boýunça 2025-nji ýylyň 1-nji maýy ýagdaýyna nagt däl hasaplaşyklaryň umumy pul möçberi 561,5 mln. manatdan geçip, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 12,1 göterim artdy.

Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik banky ýurdumyzda döwrebap bank hyzmatlaryny ornaşdyrmak arkaly bank amallarynyň hilini kämilleşdirmek, halka edilýän hyzmatlaryň gerimini has-da giňeltmek raýatlaryň erkin pul serişdelerini dolanyşyga çekmek maksady bilen, ýyllyk 6,5 göterim bilen «Goýum bank karty» hyzmatyny hem hödürleýär. Bu hyzmat «Goýum bank kartyna» çäklendirilmedik möçberde nagt pul serişdelerini goýmak we islendik wagtda yzyna almak, söwda we hyzmat ediş nokatlarynda nagt däl hasaplaşyklary geçirmek, «Altyn asyr» kartly töleg ulgamynda ýola goýlan hyzmatlary, şol sanda karzlarynyň esasy bergilerini we göterimlerini, öýjükli aragatnaşyk, internet, IP-telewideniýe, şäher telefon ulgamynyň hyzmatlaryny tölemek ýaly amatlyklary öz içine alýar.

Şeýle hem, Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik banky, ýurdumyzyň raýatlaryna erkin pul serişdelerini amatly şertlerde ýerleşdirmek maksady bilen, halkara Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli «Bitaraplygyň 30 ýyllygy» atly möhletli goýumyny hödürleýär. «Bitaraplygyň 30 ýyllygy» möhletli goýumy ýyllyk 10 göterim bilen 1 ýyl möhlete açylýar. Goýuma pul serişdeleri iň az möçberi 5 000 manatdan başlap 200 000 manada çenli nagt we aýlyk zähmet haky geçirilýän «Altyn asyr» bank kartlarynyň üsti bilen nagt däl görnüşinde kabul edilýär.

Bilşimiz ýaly, ýurdumyzda telekeçiligi ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Kiçi we orta telekeçilik döwlet tarapyndan goldanylýar. Şunuň bilen baglylykda, telekeçiler tarapyndan önüm öndürilişini artdyrmak we haryt bolçulygyny döretmek maksady bilen, bank tarapyndan hususy kärhanalara, telekeçilere, daýhan hojalyklaryna, kärendeçi – oba hojalyk önümini öndürijilere senagat önümleriniň önümçiligini ösdürmeklige bar bolan önümçilikleri gurnamak, giňeltmek, durkuny täzelemek we tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak, kiçi göwrümli tehnikalary, çig mallary, ýarym çig mallary satyn almak üçin we beýleki maksatlara karzlar berilýär. Önümçilik karzlarynyň hasabyna önümçilik çygryny giňeldýän telekeçileriň öz önümleri bilen içerki hem-de daşarky bazarlary dürli harytlar bilen üpjün edýändikleri aýratyn nygtalmaga mynasypdyr.

Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan 2025-nji ýylyň ýanwar-aprel aýlarynda ýurdumyz boýunça döwlete dahylsyz kärhanalara, hususy telekeçilere berlen karzlaryň jemi möçberi 70 038,6 müň manatdan geçdi, şol sanda, önümçilik we önümçiligi giňeltmek maksatly berilen karzlaryň möçberi 33 088,4 müň manada barabar boldy.

Umuman aýdanyňda, täze taryhy eýýamda «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» hem-de «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda, bank ulgamynda uly ösüşler gazanylýar. Munuň özi Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän giň möçberli ykdysady özgertmeleriň netijeliliginiň aýdyň subutnamasyna öwrülýär.

Bank ulgamynda netijeli işlemäge, bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmäge, şeýle hem halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen syýasatyň çygrynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşine öz goşandymyzy goşmaga amatly şertleri we ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza taýsyz tagallalary üçin köp sagbolsunlarymyzy aýdýarys!

**Şemşat ÇARÝEWA,**
Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynyň
Balkan welaýatynyň Garabogaz şäher şahamçasynyň
Işgärler bilen işlemek boýunça esasy hünärmeni

# SELJERIŞ MAKALALARY

## BANKLARDA HUKUK GATNAŞYKLARYNY KADALAŞDYRMAGYŇ NAZARYÝET WE TEJRIBE ÄHMIÝETI

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşinde düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Bu özgertmeleriň bank ulgamynda hem amala aşyrylmagy ýurdumyzyň ýokary depginli durnukly ösüşini üpjün etmek bilen bir hatarda, ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, bank ulgamynyň halkara maliýe guramalary bilen işjeň gatnaşyklary ýola goýmaga, milli, sebit, halkara ähmiýetli taslamalary ýerine ýetirmäge we ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmaga ähli amatlyklary döredýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň alyp barýan pul-karz syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi hem köpugurly ykdysady özgertmeleriň ýokary netijeliligini gazanmaga mümkinçilik berýär. Bank ulgamyny özgertmegiň esasy maksady, banklaryň işjeňlik derejesini ýokarlandyrmakdan onuň hukuk esaslaryny halkara talaplaryna laýyk gelýän derejä ýetirmekden ybaratdyr. Maliýe globallaşmagy şertlerinde döwletlerde ileri tutulýan ugurlaryň-meseleleriniň biri bolup, bank ulgamynyň durnukly ösüşini üpjün etmek çykyş edýär. Şeýle durnuklylygy saklamaklygyň esasy şertleriniň biri bolup, bank ulgamynda guralýan hojalyk subýektleriniň arasynda jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan zerur bolan hukuk resminamalarynyň kabul edilmegi we bank önümçiligine  ornaşdyrylmagy aýratyn ähmiýete eýedir.

Bank işiniň düzgünleşdirilişi oňa bolan aýratynlyklar bilen tapawutlanýar. Bank işiniň kadalaşdyrylyşy - bu Türkmenistanda bank işini alyp barmak işjeňligini kesgitleýär. Şu nukdaýnazardan maliýe gatnaşyklarynda bank kanunçylygynyň tutýan orny örän ýokarydyr, çünki karz guramalarynyň işiniň döwlet kadalaşdyrylyşy we karz guramalary üçin raýat-hukuk geleşiklerinde hereketiň düzgünleri esasan-da bank kanunçylyk namalary bilen kadalaşdyrylýar.

Jemgyýetiň we döwletiň ösmegi bilen bir hatarda bank kanunçylygy hem ösýär we döwrebaplaşýar. Halkara bank tejribesinde müşderileriň pul goýumlarynyň goraglylygyny üpjün etmek, olary kepillendirmek we şahsy hem-de ýuridik taraplaryň karza ukyplylygyny seljermek esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Şeýle-de wezipeler bolsa gönüden-göni bank ulgamyna degişlidir. Bank hukugynyň esasy - bu bank amallarynyň emele gelmeginde, üýtgemeginde we olaryň işiniň togtadylmagynda, şeýle hem Türkmenistanyň Merkezi bankynyň, bank ulgamynyň subýekti, obýekti we predmeti hökmünde ýüze çykýan banklaryň amallaryndaky jemgyýetçilik gatnaşyklary bolup durýar.

Karz edaralary Türkmenistanyň Kanunlary tarapyndan göz öňünde tutulan eýeçiligiň dürli görnüşlerine esaslanýarlar. Olaryň işi «Karz edaralary we bank işi hakyndaky» Türkmenistanyň Kanuny bilen, şeýle hem beýleki kanunlar we hukuk namalar, banklaryň düzgünnamalary, tertipnamalary we Türkmenistnyň Merkezi bankynyň kadalaşdyryjy namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Bank kanunçylygyna esasan hukuk gatnaşyklarynda bank bilen taraplaryň borçlarynyň we jogapkärçiliginiň wekilçiligini kadalaşdyryjy hukuk kadalarynyň toplumy hökmunde garalýar. Bank hukugynyň mazmuny kesgitlenende ilki bilen, bank amallarynyň görnüşlerinden ugur alynmaly bolup durýar.

Hukuk giňişliginde bank hukugyna maliýe hukugynyň instituty hökmünde seredilýär we şeýle garaýyşlar aşakdaky sebäpler bilen esaslandyrylýar:

1.Administratiw we maliýe hukuk namalary bank ulgamynyň guramaçylyk-hukuk görnüşlerini döwlet tarapyndan hasaba almak, karz edaralaryny ygtyýarlandyrmak, bank gözegçiligi, salgyt salnyşy, puluň kadalaşdyrylyşy, hasaplaşyk amallary, karz amallary,

goýum amallary, maliýe monitoringi arkaly kadalaşdyrmaklygy üpjün edýär. Şeýle hem ýurdumyzyň Konstitutiýasy, Türkmenistanyň raýat kodeksi, Türkmenistanyň jenaýat kodeksi, Türkmenistanyň zähmet kodeksiniň namalary bank işleriniň hukuk taýdan resmileşdirilişini üpjün edýär. Başga söz bilen aýdylanda, eger administratiw we maliýe hukugynyň namalary bank ulgamynyň emele gelmeginiň we işlemeginiň esasyny düzýän bolsa, onda, raýat-hukuk namalary öz gezeginde bank amallarynyň we geleşikleriniň hukuk taýdan resmileşdirilişini üpjün edýär;

2. Bank işjeňliginde hukuk gatnaşyklary Türkmenistanyň Merkezi bankynyň we karz edaralarynyň her bir amallary hem-de geleşikleri maliýe hukuk namalarynda, ýagny, karz edaralarynyň habarçy hasaby boýunça bankara hasaplaşygynda, bank bilen müşderiniň arasyndaky hasaplaşyklar boýunça şertnamalaýyn gatnaşyklary amala aşyrmakda, bankyň şertnamalaýyn goýum amallarynda, karz amallary üçin karz şertnamasy düzülende we ýerine ýetirilende, salgyt agentiniň işini ýerine ýetirmekde, maliýe monitoringi alnyp barlanda we beýleki bank amallaryny ýerine ýetiriji bolup çykyş edende ýüze çykýar;

3. Türkmenistanyň Merkezi banky kadalaşdyryjy we gözegçilik wezipelerini ýerine ýetirýär, şeýle hem Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän karz edaralary we olaryň müşderileri we beýleki fiziki hem-de ýuridik şahslar üçin hökmany bolan kadalaşdyryjy hukuknamalaryny işläp taýýarlaýar we tassyklaýar;

4. Bank ulgamynda jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň hukuk kadalaşdyrylyşy bank hukugynyň maliýe-hukuk institutynyň çäklerinde seredilmegine degişlidir, çünki bank hukugy maliýe-hukuk namalary bilen bir hatarda administartiw hukugynyň we raýat hukugynyň kada-kanunlaryny öz içine alýar.

Hukuk nazaryýetinden belli bolşy ýaly, bank hukugy maliýe hukugynyň özbaşdak bir ylmy pudagy  hökmünde XX asyryň ahyrynda XXI asyryň başlarynda öwrenilip başlandy, has takygy maliýe çökgünliginiň emele gelmeginiň we ony ýeňip geçmekligiň ýollary bilen baglanyşykly çuňňur we köptaraplaýyn halkara seljermeleri geçirilip başlandy. Hem-de ol häzirki döwürde halkara derejesinde esasy öwrenilýän ylymlaryň birine öwrüldi.

Bank kadalaşdyryş usuly diýlip, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan ýollaryň we usullaryň jemine aýdylýar. Bank işleri kadalaşdyrylanda despozitiw we imperatiw hukuk usullary ullanylýar. Kadalaşdyrylýan gatnaşyklaryň häsiýetine görä dürli usullar-gadagan etmek, ygtyýar etmek, borçlandyrmak ýaly çäreler  bank işiniň tejribesinde ullanylýar. Bank işiniň hukuk kadalaşdyryş mehanizmi esasy iki düzümden ybaratdyr:

- kadalaşdyryşy amala aşyrýan döwlet dolandyryş  häkimiýet ulgamy;
- kanun tarapyndan ygtyýarlandyrylan guramalaryň bank işini kadalaşdyrmagynda ulanýan  usullarynyň we tärleriniň jemi.

Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyk namalaryna laýyklykda, bank işi – bu  karz edaralarynyň bank amallaryny we geleşiklerini amala aşyrmak hem-de  kanunçylyk tertibi we beýleki hukuk namalary berjaý etmeginden ybaratdyr. Karz edaralary gündelik bank işi bilen baglanyşykly çözgütleri kabul edenlerinde döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryna, ýerli häkimiýet edaralaryna garaşsyzdyrlar. Şoňa görä-de Türkmenistanyň Merkezi banky, bank kadalaşdyrmasyny we bank gözegçilik barlagyny amala aşyrmak maksady bilen, karz edaralarynyň işine gözegçiligi geçirýär. Karz edarasynyň işinde düzgün bozmalar ýüze çykan ýagdaýynda Türkmenistanyň Merkezi banky kemçilikleri düzetmek hakynda, ony ýerine ýetirilmegi hökmany bolan tabşyryknamalary berýär hem-de kanunda göz öňünde tutulan temmileri ulanýar. Barlaglar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bank gözegçilik

barlagy gullugy tarapyndan hem-de onuň çäk gulluklary tarapyndan amala aşyrylýar.

Hususy eýeçilikdäki taraplar gatnaşyklaryny, hukuk borçlaryny degişli kanunlara laýyklykda guraýarlar. Bu gatnaşyklar karz edaralary bilen müşderiniň arasynda ylalaşyga görä düzülýär. Bu gatnaşyklar taraplaryň arasyndaky hukuklarynyň we borçlarynyň esaslaryny diňe bir bankyň hukugyna laýyklykda ýerine ýetirilmän eýsem, Türkmenistanyň Raýat kodeksine laýyklykda ýerine ýetirilmegi bellenilýär.

Ýurdumyzda karz edaralaryň işiniň hilini ýokarlandyrmak we ilata, edara-kärhanalara hyzmatlaryň gerimini artdyrmak üçin ähli zerur çäreler görülýär we bu öz gezeginde özüniň oňyn netijelerini berýär. Bu çäreler, milli pulumuzyň geljekde-de türkmen garaşsyzlygynyň, berkararlygynyň esaslarynyň sarsmazlygyna we Watanymyzyň mundan beýläk-de pajarlap ösmegine ýardam berer.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň özgerdilmegine, bank ulgamynyň kämilleşdirilmegine, halkyň maddy hal-ýagdaýynyň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen adyl syýasat durmuşa geçirilýär. Bu öz gezeginde amala aşyrylýan özgertmeleriň maksadalaýyklygynyň subutnamasydyr. Ýurdumyzyň mundan beýläk hem gülläp ösmegi, ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň barha gowulanmagy ugrunda ýadawsyz işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Rejepmämmet ATAÝEW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň
«Bank işi» kafedrasynyň uly mugallymy

# TÜRKMEN-TÜRK PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY: DÖWREBAP BANK HYZMATLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimiziň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolan bank ulgamy yzygiderli kämilleşdirilýär. Karz edaralarynyň işini netijeli guramakda bank amallarynyň kämilleşdirilmegi, maliýe hasabatynyň halkara standartlaryna geçirilmegi, täze innowasiýaly tehnologiýalarynyň we programma üpjünçilikleriniň ornaşdyrylmagy bu ugurlarda usuly resminamalaryň taýýarlanylmagyny, işgärleriň hünär derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagyny, ýurduň bank ulgamyny ösdürmekde dünýäniň ösen banklarynyň iş tejribesiniň öwrenilmegini we olary milli ýörelgeler bilen utgaşdyryp amala aşyrylmagyny döwrüň möhüm talaby hökmünde bellenilýär.

Türkmenistanda milli töleg ulgamyny ösdürmek we kämilleşdirmek boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar. «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» töleg ulgamyny ösdürmek, onuň netijeliligini, ygtybarlylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek ýaly esasy wezipeler kesgitlenendir.

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli maliýe-ykdysady syýasaty netijesinde ýeňillikli salgyt syýasatynyň ýöredilmegi, ilata ýeňillikli karzlaryň berilmegi eýeçiligiň dürli görnüşlerinde täze düzümleri hem-de iş orunlaryny emele getirmäge, kärhanalaryň öz-özüni maliýeleşdirmek ýörelgelerine geçmek arkaly önümçilik kuwwatyny pugtalandyrmaga, dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmäge, önümiň özüne düşýän gymmatyny peseltmäge, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga, ylmyň, tehnikanyň, innowasion tehnologiýalaryň önümçilige ornaşdyrylyşyny çaltlaşdyrmaga we halkara söwda-ykdysady gatnaşyklaryny barha ösdürmäge giň mümkinçilikler döredilýär.

Sazlaşykly ösýän ýurdumyzda alnyp barylýan döwlet syýasaty türkmen halkynyň bagtyýar we abadan durmuşda ýaşamagyna gönükdirilendir. Häzirki döwürde ýurdumyzda asuda durmuşy pugtalandyrmak, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak ugrunda alnyp barylýan beýik özgertmeler dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan goldaw tapýar.

Türkmen-Türk paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan hem ýurdumyzda alnyp barylýan syýasatyň çygrynda ýaşlary goldamak, olaryň döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek, hünärlerini kämilleşdirmek babatda amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, karzlar berilýär. «Talyp karzy» – Türkmenistanda ýokary we ýörite okuw jaýlarynda tölegli esasda bilim alýan Türkmenistanyň raýatlary bolan talyplara berilýän maksatlaýyn karzdyr. Bu görnüşdäki karzlar okuwyň tölegini okuw ýylyna görä bölekleýin görnüşinde ýyllyk 5 göterim bilen nagt däl görnüşinde berilýär. Karzyň bu görnüşi babatda düşündiriş işleri geçirilip, olar boýunça ilatyň ýüz tutmalary esasynda karzlar resmileşdirilýär. Mundan başga-da raýatlaryň karz üçin ýüztutmalaryny «online» görnüşde kabul etmek boýunça hem işler alnyp barylýar.

Şeýle hem, Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary boýunça, durmuş guran ýaş maşgalalara, olaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak maksady bilen zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin, ýyllyk 1 göterim bilen 3 ýyl möhlete 20 000 manat möçberinde ýeňillikli nagt we nagt däl görnüşinde karz serişdeleri berilýär. 2025-nji ýylyň ýanwar-mart aýlarynyň dowamynda ýaş maşgalalara öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin 200 müň manat möçberinde karz serişdeleri berildi.

Bulardan başga-da, Türkmen-Türk paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan raýatlara sarp

ediş maksatly karzlaryň berilmegi dowam etdirilýär. 2025-nji ýylyň ýanwar-mart aýlarynyň jemi boýunça 7 128,60 müň manat möçberinde raýatlara sarp ediş karzlary berildi.

Raýatlara melleginde (kömekçi hojalygynda, bölünip berlen ýer böleginde) ekerançylyk we maldarçylygy ösdürmek maksady bilen, oba hojalyk önümlerini ösdürmek, esasy we dolanyşyk serişdelerini edinmek hem-de iri önümçilikler üçin zerur bolan ýerli çig mallary öndürmek maksady bilen kiçi göwrümli karzlar 3 ýyla çenli möhlete, ýyllyk 10 göterim bilen 30 000 manat möçberinde, karzyň esasy bergisi boýunça 6 aý ýeňillikli döwri bilen berilýär.

Banklarda hereket edýän pul-karz syýasatyny kämilleşdirmek barada dowamly işler alnyp barylýar. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» ykdysadyýetimiziň durnukly we ýokary depginli ösüşini üpjün etmekde hususy pudagy ösdürmeklige hem aýratyn orun degişlidir. Şu nukdaýnazardan ugur alyp ýurdumyzda telekeçiligi has-da ösdürmek, şeýle hem Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça Döwlet maksatnamalarda öňde goýlan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmekde telekeçilik işini amala aşyrýanlara





döwlet tarapyndan giňden goldaw bermekde maliýe çäreleri geçirilýär.

«Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda ýeňillikli karz serişdeleri berilýär. Bu karzlaryň esasy maksatlary kiçi we orta telekeçilige degişli taraplaryň önümçilik, innowasiýa hem-de maýa goýum işjeňligini ýokarlandyrmak we olaryň önümçiligini ösdürmek, täze iş ýerlerini döretmek bilen bagly maýa goýum taslamalaryny karz serişdeleri bilen üpjün etmekdir. Bu görnüşli karzlar kiçi we orta telekeçilige degişli taraplara önümleri öndürmek, işleri hem-de hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalary üçin 10 ýyla, dolanyşyk serişdelerini almak üçin 1 ýyla çenli möhlete ýyllyk 5 göterim bilen berilýär.

Şeýle hem «Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijileri maliýe taýdan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň kararyna laýyklykda oba hojalyk maksatly karzlar berilýär. Oba hojalyk önümlerini öndürijilere karzlar oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny we abzallaryny hem-de oba we suw hojalygynda ulanylýan ekskowatorlary hem-de buldozerleri, suwy tygşytlaýjy tehnikalary, enjamlary, suwaryşda ulanylýan geçirijileri satyn almak üçin ýyllyk 1 göterim bilen, olaryň ulanyş möhletinden ugur alyp, 10 ýyla çenli möhlete hem-de maldarçylygy we guşçulygy ösdürmek, oba hojalyk önümlerini öndürmek, olary saklamak, gaýtadan işlemek we hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek, şeýle hem esasy serişdeleri we emläkleri satyn almak üçin ýyllyk 5 göterim bilen 10 ýyla çenli möhlete ýeňillikli karzlar berilýär.

Türkmen-Türk paýdarlar täjirçilik bankynyň önümçilik maksatly karzlary ýurdumyzda önümçiligi, hususan-da telekeçiligi ösdürmekde uly ähmiýete eýedir. Bank tarapyndan häzirki wagtda maýa goýum taslamalary üçin, dolanyşyk serişdelerini edinmeklik üçin, hyz-

matlary ýola goýmaklyk üçin karzlaryň berilmegi dowam etdirilýär hem-de karz ulgamyny kämilleşdirmekde gerekli çäreler giň gerim bilen alnyp barylýar we ýylsaýyn kämilleşdirilýär. Bankyň içerki düzgünnamalaryna laýyklykda, bankyň hususy serişdesiniň hasabyna edara görnüşli taraplara we hususy telekeçilere önümçilik maksatly karzlaryň berilmegi dowamly alnyp barylýar. Karzlar önümçilik maksatly maýa goýum taslamalaryna şeýle hem önümçilik bilen bagly dolanyşyk serişdelerini satyn almaga 10 ýyla çenli möhlete, ýyllyk 8 we 10 göterim bilen berilýär. Işewürligi ýola goýmak maksady bilen, kiçi we orta telekeçiligi goldamak hem-de ösdürmek boýunça, ýerli haryt öndürijileri goldanýar. Önümçilik bilen meşgullanýan hususy ulgama we telekeçilere eksport üçin öndürýän önümleriniň önümçiligini giňeltmeklige we ýerli haryt öndürijileriň sanyny artdyrmakda ýeňillikli önümçilik karzlary berilmegi dowam etdirilýär. Muňa mysal edip, Aşgabat şäherinde ýüplük önümçiligini, Ahal welaýatynyň Akbugdaý etrabynyň Garagum daýhan birleşiginde ýumurtga önümçiligini, Mary welaýatynyň Mary etrabynyň Senagat zolagynda «Röwşen» hususy kärhanasynyň aýakgap önümçiligini görkezip bolar.

Döwlete dahylsyz kärhanalara, hususy telekeçilere 2025-nji ýylyň ýanwar-mart aýlarynyň dowamynda jemi 41 530,43 müň manat möçberinde karz serişdeleri berildi, şol sanda, önümçilik we önümçiligi giňeltmek maksady bilen berlen karz serişdeleriniň möçberi 622,13 müň manada deň boldy.

Milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynda sanly ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagy we ösdürilmegi bilen bir hatarda Türkmen-Türk paýdarlar täjirçilik banky hem öz işjeňligini alyp barýar.

Ýurdumyzda pul dolanyşygynyň netijeliligini has-da kämilleşdirmek üçin bank ulgamy dünýäniň öňdebaryjy tilsimatlaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary ýaýbaňlandyrmak boýunça iri söwda nokatlarynda töleg terminallarynyň ornaşdyrylmagy dowam etdirilýär. Bankymyz tarapyndan nagt däl hasaplaşyklar ulgamynyň ösdürilmegi ylmyň iň soňky gazanan innowassion tehnologiýalaryň ornaşdyrylyp, bank hyzmatlaryny internet arkaly ýerine ýetirip bilmekligi ýola goýup, ýurdumyzyň raýatlaryna kämil bank hyzmatlaryny hem hödürleýär. Bank tarapyndan halka edilýän hyzmatlaryň göwrümini giňeltmek maksady bilen şahsy we ýuridiki taraplaryň maddy we bank hyzmatlaryna bolan islegleri öwrenilip, zerurlygy nazara



alnyp, täze hyzmatlaryň görnüşlerini hödürlemek ýola goýulýar.

Türkmen-Türk paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan hem sanly ykdysadyýete geçmekde nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek ugrunda yzygiderli işleri alnyp barylýar. Sanly ulgam arkaly karz almaga isleg bildirýän raýatlara «online» tertipde ýüz tutmaklary üçin bankyň turkmenturkbank.com.tm resmi internet sahypasynyň üsti bilen ol hyzmatlardan peýdalanmaklyga mümkinçilikler döredilendir.

Bulardan başga-da, menzilara bank hyzmatlary hem ýola goýlup, fiziki we ýuridik şahslara ýurduň içindäki tölegleriň elektron usulda geçirilip berilmegi bank edarasyna barmazdan müşderiler öz hasaplarynyň galyndylaryny hem-de hasaplarynyň hereketleriniň göçürmelerini alyp bilýärler. Sanly ulgama geçmekligiň çäklerinde häzirki wagtda bank hyzmatlarynyň hili boýunça «Elektron söwda», «Internet-bank», «Mobil-bank» ýaly bank önümleri bank işjeňliginiň esasy görkezijileriniň biri bolup durýar. Şu günki gün şular ýaly sanly bank hyzmatlary müşderileriň ünsüni diýseň özüne çekýär we bu hyzmatyň giň mümkinçiliklerinden peýdalanýan müşderileriň sany günsaýyn artýar. «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlarynyň aýratynlygy müşderileriň özlerine degişli bolan bank amallaryny günüň islendik wagtynda we islendik ýerinde ýerine ýetirip bilmeginde jemlenýär.

Türkmen-Türk paýdarlar täjirçilik banky tarapyndan sanly ulgama geçmekligiň häzirki wagtynda hem-de nagt däl hasaplaşyklaryň jemi esasynda 2025-nji ýylyň ýanwar-mart aýlarynda «Internet bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany 13,5 müňe barabar boldy we «Mobil bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany 1,4 müňe ýetdi. 2025-nji ýylyň ýanwar-mart aýlarynda bank kart ulgamynda nagt däl hasaplaşyklaryň umumy pul möçberi 194,0 mln. manada ýetip, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 12 göterim ýokarlandy.

Sazlaşykly ösýän Türkmenistanda alnyp barylýan döwlet syýasaty türkmen halkynyň bagtyýar we abadan durmuşda ýaşamagyna gönükdirilendir. Häzirki döwürde ýurdumyzda asuda durmuşy pugtalandyrmak, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetirmek ugrunda alnyp barylýan beýik özgertmeler dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan goldaw tapýar.

Türkmen halkynyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän, ýurdumyzyň halkara abraýyny dünýä jemgyýetçiligine ykrar etdirmegi başaran, dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmekde, şeýle-de bize şeýle ajaýyp zamanada netijeli işlemäge şert döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Kakageldi BEKDURDYÝEW,**
Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik bankynyň
Maliýe hasabatlary we ylmy-önümçilik bölüminiň müdiri

# DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMEKDE SANLY BANK HYZMATLARYNYŇ ÄHMIÝETI

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ähli pudaklaryna sanly tehnologiýalary, dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň iş tejribesini we täzeçil usullaryny ornaşdyrmak, milli töleg ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek we mümkinçiliklerini artdyrmak, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak işleri üstünlikli durmuşa geçirilýär.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» hem-de «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» çäklerinde dünýä tejribesiniň gazananlaryny nazara almak bilen, sanly ulgamda ýerine ýetirilýän bank amallarynyň görnüşleri artdyrylýar, hili has-da ýokarlandyrylýar.

Öňdebaryjy usullar, iň täze tehnologiýalar arkaly nagt däl tölegleriň amala aşyrylmagyna, döwrüň talaplaryna laýyk gelýän we dünýä tejribesinde işjeň ulanylýan bank kartlaryny, dürli ykjam goşundylary ulanmak bilen ýerine ýetirilýän amallaryň gerimini giňeltmäge, elektron töleg ulgamyny yzygiderli döwrebaplaşdyrmaga, onuň goraglylygyny üpjün etmäge uly ähmiýet berilýär. Şonuň bilen birlikde, bank hyzmatlarynyň täze görnüşlerini ornaşdyrmak, hödürlenilýän hyzmatlaryň hilini düýpli ýokarlandyrmak, degişli infrastrukturany, onuň programma-tehniki üpjünçiligini döretmek, ugurdaş hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak babatda degişli işler durmuşa geçirilýär.

Ösen tehnologiýalary peýdalanmak bilen, internetde ykjam enjamlary hemişe ulanýan adamlaryň gündelik durmuşy bilen ýakyndan baglanyşykly işlemekleri häzirki zaman sanly banklaryň tapawutly aýratynlygyny düzýär. Internetiň örän ýokary çalt ýaýramagy, maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň, öýjükli ulgamyň ösmegi jemgyýetde we ykdysadyýetde hil taýdan birnäçe üýtgeşmeler bolup geçdi. Sanly tehnologiýalar aýry böleklerden ybarat bolup, maglumat bermek hem-de kodlaşdyrmak usullaryna esaslanýar, şeýle hem gysga wagtyň içinde köpsanly dürli görnüşli mysallary amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

Ykdysadyýetimiziň möhüm pudagy bolan bank ulgamynyň işini kämilleşdirmek boýunça geçirilýän innowasion çäreler banklaryň maýalaşdyryş derejesiniň ýokarlanmagyna, hususy serişdeleriniň binýadyny berkitmäge, bank gözegçiligini kämilleşdirmäge, bank amallarynyň göwrümini giňeltmäge, innowasion bank önümleriniň we tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagyna, bank hyzmatlarynyň hiliniň ýokarlanmagyna özüniň oňyn täsirini ýetirýär. Muňa mysal edip,bank we maliýe ulgamynda pul dolanyşygyny kämilleşdirmek, hasaplaşyklary geçirmegi ýönekeýleşdirmek we milli puly pugtalandyrmak maksady bilen geçirilen möhüm çäreleri, ýagny «Internet-bank», «Mobil-bank» hyzmatlary arkaly hakyky wagt tertibinde tölegleri amala aşyrmak ýaly amallary görkezmek bolar.




Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda yurdumyzda durmuşa geçirilýän ykdysady özgertmelerde bank ulgamynyň işini döwrebaplaşdyrmak, bank hyzmatlarynyň hilini halkara derejelerine çykarmak, bank hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmak hem-de milli pulumyzyň hümmetiniň durnuklylygyny üpjün etmek ykdysady ösüşimiziň häzirki tapgyrynda

ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Täze tehnologiýalaryň yzygiderli ornaşdyrylmagy netijesinde ilata töleg-hasaplaşyk, depozit we beýleki hyzmatlary banka barmazdan ýerine ýetirmäge mümkinçilik döredýär. Bank ulgamyny has-da kämilleşdirmek, milli töleg ulgamyny ösdürmek we onuň netijeliligini, ygtybarlylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen,töleg ulgamy yzygiderli döwrebap maglumat tehnologiýalary, kompýuter programmalary bilen üpjün edilýär.

Geçirilýän bu işleriň ählisi banklaryň müşderiler bilen aragatnaşyk usullarynyň döwrebaplaşmagyna, sarp edilýän wagty we harajatlary tygşytlamaga, amallary öz wagtynda geçirmäge, ýurtda durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmäge, netije-de ýurdumyzyň raýatlarynyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän, bank ulgamynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmäge amatly şertleri döredip berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watanymyzyň asudalygy, il-günümiziň abadan, bolelin durmuşda ýaşamagy ugrunda alyp barýan işleri hemişe rowaçlyga, üstünlige beslensin!

**Gülsere AHMEDOWA,**
Aşgabat maliýe-ykdysady
orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy

# ÝURDUMYZYŇ SEBITLERINDE ÖNÜMÇILIK MAKSATLY BERILÝÄN KARZLARYŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň döwlet ýolbaşçylygynda milli ykdysadyýetimizi dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň derejesine ýetirmek, ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna, hususan-da oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän hususy telekeçilere dünýä ýurtlarynyň ykdysady ösüşinde öz oňyn netijelerini görkezen öňdebaryjy tilsimatlary ornaşdyrmak üçin maliýe goldawyny bermek ýurdumyzyň ykdysady syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar.

Häzirkizaman ykdysadyýetinde önümçiligiň ösdürilmegi ýurtlaryň durnukly ösüşiniň möhüm şerti bolup durýar. Bu ugurda maliýe serişdeleriniň, esasan hem bank ulgamynyň berýän önümçilik karzlarynyň orny örän uludyr. Karz serişdeleri täze önümçilik kuwwatlyklarynyň döredilmegine, iş orunlarynyň artmagyna we ýurduň eksport mümkinçilikleriniň giňelmegine getirýär. Ýurdumyzda ykdysadyýetiň pudaklaýyn ösüşine gönükdirilen işler bilen bir hatarda, täjirçilik banklarynyň önümçilik maksatlary üçin karz serişdelerini bermek tejribesi hem giň gerime eýe bolýar.

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» bellenilen wezipeleriň bank ulgamy tarapyndan üstünlikli ýerine ýetirilmeginde birnäçe çäreler kesgitlenendir. Häzirki döwürde ýurdumyzda amala aşyrylýan bank özgertmeleri maksatnamalaýyn esasda durmuşa geçirilýär. Şolaryň hatarynda täjirçilik banklarynyň karz syýasatynyň düzüminde uzak möhletli karzlaryň, hususan-da häzirkizaman ösen tehnologiýalarynyň ornaşdyrmagyny özünde jemleýän önümçilik desgalaryny karzlaşdyrmagyň paýyny artdyrmaklyk we olaryň düzümini kämilleşdirmeklik hem-de ipoteka maksatly karzlaryň paýyny ýokarlandyrmaklyk ýaly ugurlar göz öňünde tutulýar.

Döwlet tarapyndan berilýän goldawlaryň netijesinde milli ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegini ösdürmekde uly üstünliklere ýetildi. Hususy telekeçiligiň ösdürilmegi ýurdumyzda köpugurly ykdysady we durmuş meselelerini çözmeklige mümkinçilik berýär. Hususy telekeçiligiň ýokary depginler bilen ösdürilmegi ýurdumyzyň raýatlaryny iş orunlary bilen üpjün etmeklige, ilatyň sarp edýän harytlaryny öndürip, içerki bazarlaryň göwrümini giňeltmeklige, ýerli çig mallary netijeli peýdalanmaklyga, ykdysadyýeti düzüm taýdan kämilleşdirmeklige giň mümkinçilikleri döredýär. Şeýle-de bu ulgamyň ösdürilmegi milli ykdysadyýetimizi özgertmekligiň döwrebap ugurlarynyň biri bolan daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň ýurdumyzda öndürilýän möçberleriniň artdyrylmagynda hem möhüm orun tutýar.

Önümçilik maksatly berilýän karzlaryň ýurduň ykdysady ösüşine edýän täsirine baha bermek,





onuň möhüm ugurlaryny kesgitlemek we ösüş mümkinçiliklerine seljerme işlerini geçirmek üçin, ilki bilen önümçilik karzlarynyň many-mazmuny barada gysgaça durup geçeliň.

Şeýlelikde, önümçilik karzlary — bu önümçilik maksatly taslamalary maliýeleşdirmek üçin berilýän karzlaryň görnüşi. Önümçilik maksatly karzlary – bu ykdysadyýetiň dürli ugurlarynda (senagat, oba hojalygy, gurluşyk we ş.m.) önümçiligiň ösdürilmegi üçin banklar tarapyndan berilýän karz serişdeleri bolup durýar. Olar maýa goýum karzlary, dolanyşyk serişdesi hökmünde berilýän karzlar, tehnologik enjamlary satyn almak üçin niýetlenen karzlar görnüşinde bolup biler. Bu karzlar esasan täze zawod-fabrikleriň gurluşygy, enjamlaşdyryş, çig mal üpjünçiligi hem-de önümçiligiň giňeldilmegi ýaly ugurlara gönükdirilýär.

Önümçilik karzlarynyň ýurduň maýa goýum derejesine we tutuş ykdysadyýetiň ösüş depginine oňyn täsir edýänligi ykdysady tejribede subut edilendir. Önümçilik karzlary, esasan hem, önümçilik serişdeleriniň satyn alynmagy, täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, önümçilik desgalarynyň giňeldilmegi we döwrebaplaşdyrylmagy üçin niýetlenen maliýe çeşmesidir. Bu görnüşdäki karzlar ýerli kärhanalaryň kuwwatlylygyny artdyrmaga, iş orunlaryny döretmäge hem-de ýurduň eksport mümkinçiliklerini giňeltmäge ýardam berýär.

Önümçilik karzlarynyň esasy aýratynlyklary şulardan ybaratdyr:

- uzak möhletleýin berilýär;
- häzirki zaman tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagyna ýardam berýär;
- iş orunlarynyň döredilmegine mümkinçilik döredýär.

Ýurdumyzda amala aşyrylýan ykdysady özgertmeleriň çäginde karz edaralary tarapyndan kiçi we orta telekeçilige degişli taraplara önümleri öndürmek, işleri hem-de hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalary üçin 10 ýyla çenli möhletde ýyllyk 1 göterim bilen we dolanyşyk serişdelerini satyn almak üçin 1 ýyla çenli möhletde ýyllyk 5 göterim bilen ýeňillikli karzlar berilýär.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan bu ýeňillikli karz serişdelerine isleg bildiren banklaryň müşderilerine dürli ugurly önümçilik maksatly taslamalary maliýeleşdirmek üçin karz serişdeleri yzygiderli esasda berilýär we munuň esasynda ykdysadyýetde müňlerçe goşmaça iş orunlary döredildi we döredilýär. Milli önüm öndürijilere berilýän goldawyň netijesinde halkyň isleglerini kanagatlandyrýan ýokary hilli önümleriň we hyzmatlaryň sany yzygiderli artdyrylýar. Bu öz gezeginde halkymyzyň girdejilerini we durmuş taýdan üpjünçiligini ýokarlandyrmaga, ykdysadyýetiň önümçilik kuwwatyny artdyrmaga, eksporta ukyply, importuň ornuny tutýan harytlarynyň görnüşlerini kö¬peltmäge ýardam edýär.

Türkmenistanyň täjirçilik banklary tarapyndan berilýän karzlaryň umumy düzüminde önümçilik maksatly berilýän karzlaryň paýy her yzygiderli ýokarlanýar. 2020-2024-nji ýyl aralygynda senagat, gurluşyk, oba hojalygy ýaly ugurlara berilen önümçilik maksatly karzlaryň möçberi yzygiderli artdy. Mysal üçin, 2020-nji ýylda önümçilige berlen karzlaryň umumy bank karzlaryndaky paýy 28% bolan bolsa, 2024-nji ýylda bu görkeziji 36%-e çenli ýokarlandy.

Ýurdumyzyň soňky ýyllardaky karz syýasatynda ykdysadyýetiň döwlete degişli däl bölegini ösdürmäge, hususan-da telekeçileri goldamaga has köp üns berilýär.

Netijede bolsa, sebitler boýunça önümçilik maksatly berilýän karzlaryň ykdysady ösüşdäki orny hem yzygiderli ýokarlanýar. Sebitlerde önümçilik maksatly karzlaryň ösdürilmegi zerur hasaplanylýar. Sebitler boýunça önümçilik maksatly karzlaryň ykdysadyýetdäki orny we ähmiýeti birnäçe ugurlarda ýüze çykýar. Ýagny:

- ykdysadyýetiň düzüminde bu karzlar sebitiň senagatlaşdyrylmagyna ýardam berýär – karz serişdeleri bilen täze kärhanalar açylýar, häzirki bar bolan önümçilik desgalary giňeldilýär;

- goşmaça iş orunlary döreýär – täze taslamalaryň durmuşa geçirilmegi bilen, iş üpjünçiligi ýokarlanýar. Karz serişdeleri bilen maliýeleşdirilen täze önümçilik desgalary täze iş orunlaryny döredýär. Bu bolsa sebitlerde ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagyna oňyn täsir edýär;

- ýerli önümçiligiň artmagy – karzlardan peýdalanmagyň netijesinde döredilen mümkinçilikler ýerli öndürijileriň önümçilik mümkinçiliklerini giňeldýär;

- eksport mümkinçilikleriniň artmagy – önümçiligiň artmagy bilen bir hatarda, eksport üçin niýetlenen harytlaryň möçberleri hem artýar. Önümçilik netijesinde öndürilen harytlar diňe içerki bazarda däl, eýsem daşary ýurt bazarlarynda hem ýerlenilýär.

- pudaklaýyn diwersifikasiýa – karzlar arkaly diňe bir nebit-gaz pudagy däl-de, eýsem senagatyň beýleki pudaklary, oba hojalygy ýaly pudaklar hem ösdürilýär.

- häzirkizaman tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagyna mümkinçilik döredýär – karz serişdeleri arkaly täze tehnologiýalar satyn alynýar, önümçiligiň netijeliligi ýokarlanýar.

Ýurtda sebitleýin önümçilik maksatly berilýän karzlaryň berlişini has-da ösdürmek üçin aşakdaky çäreleriň durmuşa geçirilmegini zerur hasaplanylýar:

1. Sebitlerde hususy telekeçileriň sanynyň has-da artmagy üçin mahabat işleriniň güýçlendirilmegi we olara ýerine ýetirjek işleri, hyzmatlary üçin ýeňillikli karzlaryň we ýeňillikli salgytlaryň ähmiýeti barada has giňişleýin maglumat bermek we taslama taýýarlaýyş kömegini hödürlemek.

2. Ýerli ykdysady mümkinçiliklere seljerme işleriniň geçirilmegi, ýagny ykdysady mümkinçiliklerine görä ugurdaş önümçilikleriň ösdürilmegine gönükdirilen karz strategiýasynyň işlenilip düzülmegi.

3.Sebitlerde täjirçilik banklarynyň işjeňliginiň ýokarlandyrylmagy, ýagny welaýat merkezlerinde we olaryň etrapdyr şäherlerinde ýerleşýän täjirçilik banklaryň karz beriş mümkinçilikleriniň giňeldilmegi hem-de olaryň ýerli taslamalara gatnaşmagynyň hil we san taýdan artdyrylmagy.

4. Telekeçiler bilen täjirçilik banklaryň arasyndaky gatnaşyklaryň güýçlendirilmegi, ýagny karz alyjylar üçin okuw sapaklarynyň, maslahatlaryň geçirilmegi arkaly degişli gatnaşyklaryň durnukly guralmagy.

Ýurdumyzda sebitleýin önümçilik maksatly karzlaryň ösüşi ýurduň ykdysady taýdan durnuklylygynyň esasy sütüni bolup durýar. Şol sebapli, bu ösüşi üpjün etmegiň esasy gurallarynyň biri hem önümçilik maksatly karzlar bolup durýar.

Sebitlerde täze önümçilikleriň döremegi, goşmaça iş orunlarynyň artmagy we jemgyýetiň ykdysady taýdan üpjünçiligi diňe bir karz serişdeleriniň elýeterliligi bilen däl, eýsem olaryň netijeli peýdalanylmagy bilen baglanyşyklydyr. Şonuň üçin bank ulgamynyň hyzmatdaşlygynda ýerli önümçilik taslamalaryna gönükdirilen karzlary giňeltmek ugrunda yzygiderli işleriň geçirilmegi zerur bolup durýar.

Halkymyzyň abadançylygy, rowaçlygy ugrunda ýadawsyz tagallalar edýän, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň, maliýe-bank ulgamynyň işini has-da kämilleşdirmäge ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Alyp barýan il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleri mundan beýläk hem rowaçlyklara beslensin!

**Annagül NAZAROWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň
«Bank işi» kafedrasynyň uly mugallymy

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
## Тенденции развития банковской системы Туркменистана
## Development trends of the banking system of Turkmenistan

### 2025-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2025 года

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of May 1, 2025




### 2025-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2025 года

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of May 1, 2025




### 2025-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 мая 2025 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of May 1, 2025




### Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2025-nji ýylyň ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna karz edralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений
по состоянию на 1 мая 2025 года
Authorized capital size as of 1 May 2025




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения по срокам их размещения (в млн манат)

Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)
Undrawn credit amounts in national currency of the credits issued to the enterprises, organizations and households, by the forms of the ownership (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)

Distribution of balances of credits with the credit institutions provided to the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## 2025-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 мая 2025 года (указатели округлены)

Information on the bank cards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 May 2025 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ/INDICATORS | ölçeg birligi<br>ед. измер.<br>measure unit | 01.05.2024 | 01.01.2025 | 01.05.2025 | 01.05.2025<br>01.01.2025-e, %-de | 01.05.2025<br>01.05.2024-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения<br>Registered credit institutions | sany<br>количество<br>number | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие<br>- state-commercial | sany<br>количество<br>number | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие<br>- joint-stock commercial | sany<br>количество<br>number | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков<br>- branches of foreign banks | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития<br>- State Development bank | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy»<br>- «Туркменская инвестиционная компания»<br>- «Turkmen investment company» | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений<br>Number of branches of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **150** | **149** | **149** | *100,0* | *99,3* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями<br>Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany<br>количество<br>number | | **7 675 485** | | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений<br>Number of employees of credit institutions | sany<br>количество<br>number | | **8 408,50** | | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений<br>Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **7 227,51** | **7 432,33** | **7 511,99** | *101,1* | *103,9* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте)<br>Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **17 606,33** | **16 997,27** | **13 929,19** | *81,9* | *79,1* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению<br>The balance of credits of credit institutions of Turkmenistan in national currency, provided to enterprises, organizations, and the population | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **88 597,19** | **92 135,71** | **89 740,12** | *97,4* | *101,3* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте)<br>Funds at settlement, current accounts and deposits of enterprises, organizations and individuals in credit institutions (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **40 566,37** | **40 178,70** | **36 878,34** | *91,8* | *90,9* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy***
*Подготовлено Научно-производственным советом /Prepared by the Research Council*

## 2025-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2025 г.
Information on the number of branches of credit institutions of Turkmenistan as of May 1, 2025

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов<br>Number of brances | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Arkadag<br>Аркадаг<br>Arkadag | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **22** | 3 | 7 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **23** | 1 | 5 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **51** | 7 | 1 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **3** | | 2 | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **32** | 4 | 7 | 1 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **14** | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» / JSCB «Rysgal» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **149** | **16** | **24** | **4** | **24** | **21** | **32** | **28** |

## 2025-nji ýylyň 1-nji maý ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 мая 2025 г.
Information on the number of credit institutions agencies of Turkmenistan as of May 1, 2025

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Gulluklaryň sany<br>Количество агентств<br>Number of agencies | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
